# «Eşek» diýip geçäýme!

Category: Hekaýalar,Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 25 января, 2025
"Eşek" diýip geçäýme! «EŞEK» DIÝIP GEÇÄÝME!




Soňky günleriň iň köp okalýan habarlarynyň sözbaşysy şeýle: «Eşekler halas edildi!»
Şanlyurfanyň Siwerek etrabynda garyň aşagynda galyp, tasdan doňup ölere gelen bäş sany eşegiň gözgyny ýagdaýy ýewropa habar beriş serişdelerinde giňden ýer aldy. Eşek Ýewropa ýurtlarynda örän seýrek duş gelýän haýwan. Şonuň üçin olar gowy görülýär… Birnäçe haýwanat bagynda ýolbars, gaplaň, pil ýaly haýwanlaryň ýany bulen eşegem görkezilýär. Tomaşaçylar olary synlanda, esasan naşyja gözlerini owadan görýärler. Doňup ölere gelen bäş biçäre eşegiň fotosuratlary diňe ýurdumyzyň däl, Ýewropadaky haýwan söýüjileri-de gynandyrdy.
* * *

13-nji dekabrda Şanlyurfanyň Siwerek etrabynyň Karlyk obasynyň golaýynda taşlanyp gidilen ýerinde endam-janlary gar bilen örtülen ýagdaýda bäş sany eşege hossar çykan işewür Jewat Korkmaz Siweregiň kaýmakamy Hamza Erkala jaň edip:
– Ýoldaş kaýmakam, eşekleri maňa beriň. Olary ölüme terk

etmäliñ. Meniñ Tekirdagda mülk ýerim bar. Şol ýerde gül ýaly bolar giderler – diýýär.
Kaýmakamyñ razylygy bilen eşekleri Tekirdagyñ Şarköý obasyndaky mülküne äkiden işewür häzir olara «çaga» ýaly seredýär.
Bäş eşegiñ ömründe bir gezek bagty getirdi!

* * *

«Eşek» diýip geçäýmäñ…
Eşegiñ edebiýatymyza-da, dilimiñ baýlaşmagyna-da uly goşandy bardyr.
Eziz Nesiniñ eşek temaly, iññän täsirli birnäçe hekaýasy bar.
Meniñ özümem eşek hakda azyndan üç-dört hekaýa-ha ýazandyryn…
Wagty gelende size şol hekaýalarymdan mysallar bererin.
Hemmesi biri-birinden täsin, sapak alarlykly kyssalar!
Häzirlikçe diñe içinde «eşek» sözüniñ geçýän nakyllaryndan we aýtgylaryndan käbir mysallary bereýin.
Üstünde mazaly oýlanylsa, hemmesi-de şu günümiz üçin aýry-aýry signallary berýär:

* * *

– Eşeklik-dä bü…
– Eşeklik pul bilen däl-ä…
– Düşündik how, eşek däl biz!
– Eşegiñ guýrugy ne uzady, ne gysgaldy!
– Ölme eşegim – ýaz geler!
– Ölen eşegiñ bahasyna…
– Eşegem şol bir çukura iki gezek düşenok!!
– Eşek bolsañ, gañña uran köp bolar!
– Eşegi ýüki bilen äkidýärler!
– Men eşek ýaly işleýärin…
– Eşek şerbeti näbilsin?
– Biz bärde eşegiñ kellesimi?
– Eşek henegini etme!
– Eşekden düşen garpyza döndi!
– Eşek jennetine gidersiñ!

– Eşegini urmadyk gaññasyny urar.
– Bulary eşek suwdan gelýänçä urmaly!
Mysallary näçe köpeltseñ köpeldip oturmaly… Diýmek, eşek edebiýatymyza-da, dilimiziñ baýlaşmagyna-da kömek eden gymmatly haýwandyr!

- **Sokratyñ ölümi**

Ýurdumyzda kän ýyllar bäri dowam edip gelýän syýasy dawa-jenjeller jemgyýeti ikä böldi diýen ýaly…
Adamlarymyzyñ bir bölegi bu dawalary dogry hasaplasa, galan bölegi-de ýerliksiz hasaplap, «Wyždanlarymyz syzlaýar!» diýýär.
Taryhda syýasy dawalar köp bolupdyr. Şol dawalaryñ iñ meşhury 2400 ýyl mundan öñ Afinyda bolup geçen «Sokratyñ dawasydyr».
Halkyñ eý görýän filosofy Sokrat agalyk ediji synpyñ kazylary tarapyndan awy içirlip öldürilipdir.
Sokrat ölüm permanynyñ okalandygyna garamazdan sowukganlylygyny ýitirmändir, kazyýetiñ kararyny adalatsyz hasaplan filosofyñ aýaly nägilelik bildiripdir:
– Zalym kazylar seni ölüme höküm etdiler!
Sokrat parahat jogap beripdir:
– Wagt hem olary ölüme höküm eder!
Aýaly ýene nägileligini bildirip, yzlapdyr:
– Onyñ dogry, seni bigünä halyña ölüme höküm etdiler!
Sokrat:
– Günäli bolup ölüme höküm etseler mundan gowy bolarmydy? – diýip, sowukganlylyk bilen öñünde goýlan awyny içip, ölüme gidýär!
Sokraty öldüren afinyly kazylary wagt syldy-süpürdi, ýok etdi, hiç hili yzy-eseri galmady. Emma Sokrat pikirleri bilen häzirem ýaşaýar.

- **HENEK: Janly balyk…**

Köçeden geçip barýan balykçy: «Janly balyk bar!» diýip, gaty sesi bilen gygyrypdyr.
Madam Marika penjireden kellesini çykaryp:

– Balykçy! Balyklaryñ täzemi? – diýip sorapdyr.
Balykçy:
– Eşdeňokmy, madam? Janly balyk diýýän-ä!.. – diýip, gaharlanjak bolýar.
Madam Marika:
– Nämä gaharlanýañ, köşek? – diýýär. – Seret, menem janly, ýöne täze däl-ä?..

- **Günüñ sözi**

*Her faraonyñ bir Musasy bardyr!*

Rahmi TURAN.

«SÖZCÜ» gazeti, 16.12.2013 ý. Publisistika